# 1-nji sentýabr duýgulary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
1-nji sentýabr duýgulary 1-nji SENTÝABR DUÝGULARY

1-nji senýabr.
Ýakymly duýgulaň güni,
Synpa dolýan juwan ýürekler bilen
Iň süýji umytlaň ýürklermize
Atygsap-atygsap dyňzaýan güni.
Menzeýän güni bu güýzüň bahara,
Bagtyň dolýan güni bütin jahana.
Sag-aman geldiňmi, eziz partadaş,
Geç ýeriňe, gel, başlaly sapaga.

1-nji sentýabr.
Bilme teşne gursaklaň
Baky çeşmä basan güni dodagny.
Arşy-agla uzan merdiwan bu gün
Gel, talyp, bas oňa ilki ädimňi.
Hany, gel, torbasy kitapdan doly,
Zehinden püre-pür gursagy bolsa,
Bilme suwsan, eziz okuwçy jigim,
Talyp agaň, talyp doganyň ýaly
Dyrmaş senem bilimleriň Gögüne,
Ýaz adyňy baky synmaz tuguna.

1-nji sentýabr.
Gerdeniniň agyr ýüki tejribe,
Köpi gören goja professoram
Ýaş mugallym ýaly ýaýdanjyrap dur,
Nädip başlajagyn bilmän sapaga.
Hyýalynyň çuňlugyny dörjeläp,
Geçmiş ýyllaryna gidip sapara,
Uludan bir dem alar-da, şol demden
Güýç tapynyp, girer-gider sapaga.

1-nji sentýabr.
Maňa näm bolýar?!
Öz halymy özüm aňlap bilemok.
Adaty günlerden juda ir örýän,
Uniwersitete gijä galaýjak ýaly.
Onsoňam geçen ýyl uçurym bolan
Şageldi bir ýerden geläýjek ýaly,
“Hany bol, gepleşik ýazaly” diýip,
Okuwdan soň öýmüze-de ibermän,
Kitaphana salaýjak ýaly.
Bolmaly zatlar-a bolmajak ýaly,
Bolmasyz zatlaram bolaýjak ýaly.

1-nji sentýabr.
Şäherem üýtgeşik bu gün,
Bir syrly heser bar hemmäň ýüzünde.
Her köçede müň goşgy, müň eser bar,
Kimiň nazaryna kaklyşmasa-da,
Hiç sypyp bilmejek şahyr gözünden.
Nädip galkynmajak, nädip ýazmajak,
Ýap-ýaňy 1-njä gadamyn basan
Bir körpe netbugyn güjeňläp durka.
Bilimleň açary netbukda ýaly,
Bütin ünsün netbukda jemläp durka,
Ýa öýne ýetmäge karary ýetmän,
Açyp gapyrjagyň birýan çetini,
Beýlekinem açman.
Soňragam açyp,
Ýeňledip barýarka kem-kem ýüküni,
Synlap, joşmabilseň, joşma sen onsoň,
Erksiz gaplanarsyň joşa sen onsoň.
Bagtyýar döwürli talypdygyňa
Her demde guwanyp ýaşa sen onsoň… Goşgular